# Myrat Bardakçynyñ gözünden eždatlaryñ seks durmuşy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Myrat Bardakçynyñ gözünden eždatlaryñ seks durmuşy MYRAT BARDAKÇYNYÑ GÖZÜNDEN EŽDATLARYÑ SEKS DURMUŞY




*Türkiýäniñ ilkinji seksopolitik saýty ucyuzotuzuc.com taryhçy Myrat Bardakçynyñ 1992-nji ýylda ýazan «Osmanlyda seks» kitabyny ele aldy. Ine, Myrat Bardakçynyñ kitabyndan ucyuzotuzuc.com saýtynyñ saýlap alan osmanlynyñ seks durmuşyndan bölekler:*

- **Göwün açyjy tellaklar (owkalaýjylar, massažistler) we Ýemeniçi Baloglan**

Kitapda 1686-njy ýylda hammamçylar kethudasy bolan Ysmaýyl aga

tarapyndan ýazylan «Dellaknamaýy Dil Küşa» ýagny «Göwün açyjy dellekler» kitabynda Stambulyň meşhur hammamlary we bu hammamlarda «gulamparalaryň (oglanbazlaryň) peştamallaryny (набедренная повязка) çözýän näzenin oglanlar» hakda gürrüň berýän Ysmaýyl aganyň bu kitaby ýazmagyna ýene bir hammam oglany sebäp bolupdyr. «Gylyç Aly paşa» hammamynda «çykarynyp» durka Ysmaýyl aganyň gözüne ilip «içoglan» edilen Ýemeniçi Baloglan «Bir kitap ýazsaň, içinde biziňem adymyz geçse, taryhda ýatlansak» diýeni üçin Ysmagyl aga Stambuldaky 2 müň 123 sany «ýalpyldawuk» dellekden 11-n8 saýlap, kitaby ýazmaga başlapdyr. Elbetde, iň başynda Ýemeniçi Baloglan. Kethudanyň joşgunly beýan ediş stiliniň netijesinde osmanlynyň gomoseksual kitaplaryndan biri ýazylýar. Ysmaýyl aga «mahbuby-zyba», ýagny «gelşikli söýgüli» diýip agzaýan Ýemeniçi Baloglan barada şeýle diýýär: «Heniz on bäş ýaşynda we gözellik täji adynyň başynda, bu günäkäriň murgy-dili (göwün guşy) ýemeniçi oglanyň samyr gaşynda.» Garamaňlaý Ýemeniçi rehim-şepagatsyzlygy bilen at alan 59-njy ýanyçarlar bölüminiň ajamylaryndan. Şahbaz ýoldaşynyň astyndaka üsti basylyp depderli bolup, «Gylyç Aly paşa» hammamynda çykarynmaga başlapdyr. Kethudanyň aýdyşy ýaly «Amma jamekân otagda, amma içeri hylwatda ol näzlı oglanyň pöwrize bäbenegini aždar mysaly demir gazyk bilen oýupdyrlar.»

- **Adam aždarhasy: Tokmakçy Süleýman**

Kethuda ependiniň «adam aždarhasy» diýip gürrüň berýän Kalýançy Süleýman ragbet edilen bir «tokmakçymyş». Bir gün çaýhanada otyrka, «Pyýalapaşa» hammamçysy bilen tanşypdyr. Hammamçy «Bolýar, maňa şeýleräk şahbaz tokmakçy lazym» diýip, Süleýmany hammama alypdyr. Ysmaýyl aga bu «adam aždarhasynyň» hammam hereketlerini gürrüň berende özüni ýitirýär: «Süýn begim, paşam» diýip, nijesini baldyr bajaga atar, kywamy gelende öz peştemalyny gabarak dolap… müşderiniň aýaklaryny ogşar… »

- **Ilkinji jelepler Kanunynyň döwründe**

Myrat Bardakçynyň aýtmagyna görä «Stambul halky üçin seks skandallary ýygy-ýygydan bolýan hadysalardan doly bolupdyr. Hiç bir döwürde-de öňüni alyp bilmändirler.» Kitapda aýdylyşy ýaly ilkinji hasaba alynan jeleplere Kanuny Soltan Süleýmanyň döwründe gabat gelnipdir. Kanunynyň döwründe Stambulda at gazanan ilkinji jelepleriň ady Arap Faty, Kritli Narin, Atlyases Kamer, Kirteli Nefise, Balatly Aýni… Ilkinji žigololar bolsa Ýawuz Soltan Selim döwründe ýüze çykypdyr.

- **Ýanýoldaşy žigololara meýilli milli gahryman**

Ýawuz Soltan Selim döwrüniň milli gahrymany Baly begiň aýaly bolsa žigolo tutunmagy gowy görýän eken. Ol baryny-ýoguny ýaş erkeklere berýän eken. Är-aýal munuň üçin birnäçe gezek sudlaşanam bolsa, bu barada Ýawuzyň gulagyna degenem bolsa, Baly begiň aýaly ýaş ýigitlerden el çekip bilmändir.

- **Osman paşanyň teletinbaz aýaly**

Teletinbazlyk (lezbiýankalyk) bilen baglanyşykly bolan wakalardan biri-de Sadaret kaýmakamy Osman paşanyň aýalynyň başyndan geçipdir. 1810-njy ýylda Sadaret kaýmakamy Osman paşanyň iň uly gowşak ýeri Stambulyň iň meşhur teletinbazlaryndan biri bolan aýalyny uçursyz gowy görýänligi eken. Onuň aýaly bir sygan tansçyna göwün berip, öz öýünde aýallaryň üýşýän içhä-içli, aýdym-sazly meýlisini gurnansoň, gep-gybat ýaýrap gidýär. Gepiň bir ujy köşge ýetýär welin, «Aýalyna eýelik edip bilmeýän döwlete nädip eýelik etsin» diýip, ýörite perman çykarylyp, Osman paşa wezipesinden boşadylýar. Jeza çäresi diňe garamaýak halka berlipdir.

09.12.2012 ý.

Odatv.com Taryhy makalalar